**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.**

HALKYŇ ARKADAGLY ZAMANASY 2022

# Biznes reklama

Hepdelik gazet | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Möçberi 16 sahypa ★ ★ ★ ★ ★ Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi | 24.10.2022 | Duşenbe | №43 (1246)



## Prezidentler Serdar Berdimuhamedowyň we Şawkat Mirziýoýewiň arasyndaky ýokary derejedäki duşuşyk

21-nji oktýabrda paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we ýurdumyza resmi sapar bilen gelen Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň arasynda gepleşikler geçirildi.

Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, döwlet Baştutanymyz bilen özbek kärdeşiniň arasynda «Rowaç» otagynda ikiçäk görnüşde ýokary derejedäki gepleşikler geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow belent mertebeli myhmany we özbek wekiliýetiniň agzalaryny ýene-de bir gezek mähirli mübäräkläp, ýurdumyza gelmek baradaky çakylygyny kabul edendigi üçin Prezident Şawkat Mirziýoýewe minnetdarlyk bildirdi hem-de bu sapara döwletara gatnaşyklary ösdürmekde möhüm waka hökmünde garalýandygyny belledi.

Özara ynanyşmak ýagdaýynda geçen gepleşikleriň dowamynda Prezidentler açylýan täze mümkinçilikleri, geljek üçin ileri tutulýan meýilnamalary nazara almak bilen, türkmen-özbek gatnaşyklarynyň esasy meseleleri boýunça pikir alyşdylar. Şeýle-de taraplar sebit we ählumumy gün tertibiniň özara gyzyklanma bildirilýän wajyp meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Merkezi Aziýada hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak meselesine aýratyn üns berildi.

Soňra «Soltan Sanjar» zalynda gepleşikler giňişleýin düzümde, iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda dowam etdi.

Gepleşikleriň dowamynda bellenilişi ýaly, Özbegistan Türkmenistanyň möhüm ykdysady hyzmatdaşydyr. Obasenagat toplumy, energetika, himiýa we nebithimiýa senagaty, maşyngurluşyk, dokma, derman senagaty pudaklary işjeň hyzmatdaşlyk üçin ýurtlarymyzyň uly kuwwata eýe bolan anyk ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Iki ýurduň işewürleriniň arasynda gatnaşyklary ösdürmek üçin uly mümkinçilikler bar diýip, döwlet Baştutanymyz türkmen we özbek kompaniýalaryny ýurtlarymyzyň çäklerinde amala aşyrylýan bilelikdäki maýa goýum taslamalaryna gatnaşmaga çekmekde döwlet goldawyny bermäge taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň serhetýaka gatnaşyklary, sebit söwdasyny giňeltmek ugrunda çykyş edýändigini belledi.

Energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge we ösdürmäge bil baglaýarys. Biziň umumy işlerimiziň hatarynda durmuşa geçirilen iri energetika taslamasy — Türkmenistan — Özbegistan — Gazagystan — Hytaý gaz geçirijisi bar. Özbek hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde energiýa serişdeleriniň iberilmegini ep-esli artdyrmak hem-de olaryň üstaşyr geçirilmegini giňeltmek üçin mümkinçiliklere garamaga taýýardyrys diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Ulag ulgamy Türkmenistanyň Özbegistan bilen hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Biziň ýurtlarymyzyň tagallalarynyň baş maksady Merkezi Aziýanyň, Ýewropanyň, Ýakyn Gündogaryň ulag ulgamlarynyň birleşdirilmegini üpjün edip biljek kuwwatly we häzirki zaman düzümini döretmäge gönükdirilip bilner we gönükdirilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz Özbegistan — Türkmenistan — Hazar deňzi — Gara deňziniň portlarynyň üsti bilen Ýewropa çykmak arkaly, ulag ugurlaryny ösdürmek boýunça bilelikde işlemäge Türkmenistanyň taýýardygyny tassyklady. Şunuň bilen baglylykda, Özbegistan — Türkmenistan — Eýran — Oman — Katar ulag geçelgesiniň taslamasyny durmuşa geçirmegi çaltlandyrmak boýunça tagallalary güýçlendirmegiň wajypdygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk meselelerine degip geçip, taraplaryň ikisiniň hem ylym we bilim, sungat işgärleriniň arasynda gatnaşyklary giňeltmäge yzygiderli üns berýändigini belledi.

Çykyşynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Şawkat Mirziýoýewe, Hökümet wekiliýetiniň ähli agzalaryna netijeli gepleşikler üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirdi.

Soňra Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine söz berildi.

Belent mertebeli myhman hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hut öz adyndan we wekiliýetiň agzalarynyň adyndan türkmen topragynda mähirli kabul edendigi üçin ýene-de bir gezek hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň Özbegistanyň iň ýakyn goňşusydygyny, ygtybarly hyzmatdaşdygyny nygtady.

Şu gepleşikler köpugurly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň yzygiderli giňeldilýändigini aýdyň subutnamasy bolup durýar diýip, Prezident Şawkat Mirziýoýew hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen geçirilýän duşuşyklaryň barşynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ähli meseleleriniň açyk ýagdaýda ara alnyp maslahatlaşylýandygyny kanagatlanma bilen belledi.

Şu gün Türkmenistan we Özbegistan strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hakynda Jarnamany kabul edip, taraplaryň özara gatnaşyklary pugtalandyrmaga hem-de anyk many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga taýýardyklaryny ýene-de bir gezek tassyklaýarlar diýip, goňşy döwletiň Lideri aýtdy. Belent mertebeli myhman Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň häzirki wagtda okgunly ösýän döwletara gatnaşyklary kemala getirmekdäki ägirt uly hyzmatyny belledi.

Özbek-türkmen hyzmatdaşlygynda söwda-ykdysady gatnaşyklar, gürrüňsiz, möhüm ähmiýete eýedir diýip, dostlukly döwletiň Lideri nygtady. Özara söwdanyň möçberleriniň ösüş depgini aýdyň mysal hökmünde görkezildi. Şunuň bilen birlikde, üç aý mundan ozal, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen geçirilen gepleşikler mahalynda Özbek-türkmen serhetýaka söwda zolagynyň işini ýola goýmak baradaky ylalaşygyň gazanylandygy bellenildi. Ikitaraplaýyn daşary ykdysady gatnaşyklary mundan beýläkde ösdürmek we söwda öýleriniň işini düzgünleşdirmek hakynda Ylalaşyga, şeýle-de gümrük gulluklarymyzyň arasynda pudagara resminamalara gol çekilmegi öňde goýlan maksatlara ýetmäge ýardam eder diýip, Prezident Şawkat Mirziýoýew nygtady.

Nygtalyşy ýaly, ikiçäk duşuşykda senagat, energetika, himiýa pudagy, oba hojalygy, ulag we logistika ýaly ileri tutulýan ugurlarda goşulyşmak bilen bagly taslamalar ara alnyp maslahatlaşyldy. Ulag ulgamy strategik ugurlaryň hatarynda görkezildi. Suwy rejeli peýdalanmak meseleleri ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň derwaýys ugry bolmagynda galýar diýip, Prezident Şawkat Mirziýoýew taraplaryň Amyderýa boýunça taryhy Ylalaşygy doly derejede durmuşa geçirmegi dowam etdirmäge meýillidigini tassyklady.

Dostlukly ýurduň Lideri taraplaryň energetika ulgamynda we himiýa senagatynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge gyzyklanma bildirýändiklerini belledi. Sebitara gatnaşyklary ösdürmek ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde görkezildi.

(Dowamy 2-nji sahypada).

Şu sanymyzda


**4-nji sahypada:** **Oba hojalygy** Dünýäde we Türkmenistanda sogan önümçiligi

**13-nji sahypada:** **Üstünligiň taglymaty** «Ferrarisini» satan keşiş

**14-nji sahypada:** **Горизонт** Чашка кофе от миллиардера

**15-nji sahypada:** **Poeziýa** Oguljennet Bäşimowanyň goşgulary




4 833005 330010

## Halkyň Arkadagly zamanasy



Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen duşuşdy

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Şunuň bilen baglylykda, serhetýaka söwda zolagynyň çalt işläp başlamagy üçin bilelikdäki «Ýol kartasyny» işläp taýýarlamak barada ylalaşyk gazanyldy.

Medeni-ynsanperwer gatnaşyklary işjeňleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär diýip, Prezident Şawkat Mirziýoýew aýtdy. Geljek ýylda — diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygynda iki ýurduň sebitleriniň özara Medeniýet günlerini we kino, ýaşlar festiwallaryny geçirmek teklip edildi.

Sözüniň ahyrynda Prezident Şawkat Mirziýoýew Özbegistanyň Türkmenistan bilen köpugurly strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga, ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga meýillidigini ýene-de bir gezek tassyklap, bilelikdäki tagallalaryň iki ýurduň halklarynyň dostlugyny, hoşniýetli goňşuçylygyny we abadançylygyny pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Giňişleýin düzümdäki türkmen-özbek gepleşikleri tamamlanandan soňra, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Şawkat Mirziýoýew Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hakynda Jarnama gol çekdiler.

Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, iki döwletiň Baştutanlary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Ýokary derejedäki gepleşikler tamamlanandan soňra, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Diwanynyň binasyna geldi. Bu ýerde Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow goňşy ýurduň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewi mähirli garşylady.

Gahryman Arkadagymyz we özbek Lideri dostlarça salamlaşyp, iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde surata düşdüler.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti däp bolan türkmen-özbek gatnaşyklarynyň netijeli häsiýete eýedigini we ýyl-ýyldan onuň üstüniň täze many-mazmun bilen ýetirilýändigini kanagatlanma bilen bellediler.

Hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Özbegistanyň Prezidenti bilen Aşgabatda duşuşmaga hem-de döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan meseleleri, şol sanda özara düşünişmek, hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgelerinde guralýan parlamentara gatnaşyklar boýunça pikir alyşmaga döredilen mümkinçilige örän şatdygyny aýtdy. Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy şular barada aýtmak bilen, beýik özbek şahyry we akyldary Alyşir Nowaýynyň: «Mundag muhabbet kişi älem naggşydyr,//Dost gadryny bilen ynsan ýagşydyr» diýen goşgy setirlerini mysal getirdi.

Prezident Şawkat Mirziýoýew özüniň hem Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen duşuşmaga örän şatdygyny nygtap, Özbegistanyň Türkmenistan bilen däp bolan dost-doganlyk gatnaşyklaryna ygrarlydygyny tassyklady. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň ähli ugurlar boýunça okgunly ösüş depginlerine eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň berk binýadynyň döredilmegine goşan uly goşandy bellenildi. Özbegistan Respublikasynyň Baştutany gürrüňi dowam edip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen geçirilen gepleşikleriň netijeli häsiýete eýe bolandygyny, olaryň jemleri boýunça möhüm ylalaşyklaryň gazanylandygyny hem-de resminamalaryň uly toplumyna gol çekilendigini aýtdy.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew köpasyrlyk dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna esaslanýan türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň umumy bähbitler üçin mundan beýläk-de berkidiljekdigine hem-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Duşuşygyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz özbek Liderine Alabaý atly türkmen alabaýyny sowgat berdi we onuň nesil ugry hakyndaky şahadatnamany gowşurdy.

# Prezidentler Serdar Berdimuhamedowyň we Şawkat Mirziýoýewiň arasyndaky ýokary derejedäki duşuşyk

Prezident Şawkat Mirziýoýew köpasyrlyk türkmen-özbek dostluk gatnaşyklaryna ygrarlylygyň özboluşly nyşany bolan bu ajaýyp sowgat üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Günüň ikinji ýarymynda Prezident Şawkat Mirziýoýew «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumyna ugrady. Bu ýerde belent mertebeli myhman milli gahrymanlaryň — edermen Watan goragçylarynyň hakydasyny ebedileşdiren «Baky Şöhrat» ýadygärligine gül goýdy. Özbek Lideri ýadygärlikler toplumynyň çäginde ýerleşen «Watan mukaddesligi» muzeýi bilen tanşyp, Hormatly myhmanlaryň kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

Soňra Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine geldi. Bu ýerde dostlukly ýurduň Liderine degişli ýokary okuw mekdebiniň «Hormatly professory» alymlyk adyny dakmak dabarasy boldy.

Şol gün Prezidentler Serdar Berdimuhamedowyň we Şawkat Mirziýoýewiň gatnaşmagynda Aşgabatda gurlan «Daşkent» dynç alyş seýilgähiniň açylyş dabarasy boldy.

Döwlet Baştutanymyz belent mertebeli myhmany seýilgähiň esasy girelgesiniň öňünde garşylady. Bu täze seýilgäh mizemez türkmen-özbek dostlugynyň ýene bir aýdyň nyşanyna öwrüldi.



Seýilgähiň dizaýnynda milli özbek bezegleriniň hem-de binagärliginiň äheňleri ulanyldy. Bu ýerde amatly dynç almak, maşgala bolup boş wagtyňy gyzykly geçirmek üçin ähli şertler göz öňüne tutulandyr. Täze seýilgähde çagalar hem ulular wagtlaryny gyzykly we peýdaly geçirip bilerler. Abadanlaşdyrylan, bagy-bossanlyga bürelen çäkde «Daşkent» kafesi we çaýhana, restoran, amfiteatr ýerleşýär. Körpeler üçin köpöwüşgünli bezelen attraksionlar we oýun meýdançalary bar. Meýdançanyň ýanynda amatly sekilerde bu ýere gelen türkmen hem-de özbek ýaşululary üçin çaý içişlik guraldy.

Seýilgäh bilen tanyşlygyň barşynda Türkmenistanyň we Özbegistanyň Prezidentleri çaýhana geldiler.

Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleri özbek milli äheňinde bezelen çaýhana gelip, onda döredilen şertler bilen tanyşdylar.

Iki ýurduň döwlet Baştutanlary çaýhanadan çykyp, seýilgähiň baş sahnasynyň öňündäki meýdança geldiler. Bu ýerde Prezidentler göni wideoaragatnaşyk arkaly, Daşoguz welaýatynyň çäginde ýerleşýän Türkmen-özbek serhetýaka söwda zolagynyň — Söwda merkeziniň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdylar.

Soňky ýyllarda iki ýurduň sebitleriniň, şol sanda Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň arasynda göni gatnaşyklar has işjeňleşdirildi. Degişli resminamalara gol çekildi. Şolaryň hatarynda Türkmen-özbek serhetýaka söwda zolagyny — Söwda merkezini döretmek hem-de onuň işini düzgünleşdirmek hakynda hökümetara Ylalaşygy we onuň düzgünlerini ýerine ýetirmek boýunça çäreleriň meýilnamasy bar. Şeýlelikde, şu günki waka bu ugurdaky anyk ädim boldy.

Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleri täze desganyň düýbüni tutmak dabarasyna başlamaga ak pata berdiler. Şowhunly el çarpyşmalar astynda Daşoguz we Horezm welaýatlarynyň ýaşululary geljekki serhetýaka söwda merkeziniň binýadyna pil bilen beton garyndylaryny atdylar. Türkmen-özbek dostlugyna bagyşlanan köpöwüşgünli aýdym-tanslardan düzülen çykyşlar dabaranyň ajaýyp jemlemesi boldy.

Aşgabat şäherini we Daşoguz welaýatyny birleşdiren teleköpri tamamlanandan soňra, Prezidentler «Daşkent» seýilgähinde ýadygärlik ýaş agaç nahallaryny oturtdylar.

Seýilgähiň çäginde «Toý mekany» hem ýerleşýär, onda dürli dabaralary, şol sanda iki doganlyk halkyň uludan tutýan gelin toýlaryny geçirmek üçin ähli şertler döredilipdir. Şu gün hem dabara gatnaşýanlar täze ýaş maşgalanyň durmuş toýunyň şaýady boldular.

Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleriniň adyndan ýaş çatynjalara — ýurdumyzda kowçum bolup ýaşaýan özbek halkynyň wekillerine uzak hem-de bagtyýar maşgala durmuşyny arzuw etmek bilen bir hatarda, gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Şawkat Mirziýoýew seýilgäh bilen tanyşlygy tamamlanlaryndan soňra, hemmeler bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugradylar.

Agşam hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Şawkat Mirziýoýewiň hormatyna resmi agşamlyk naharyny berdi. Dabaraly kabul edişlikde medeniýet we sungat ussatlary çykyş etdiler.

Soňra Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Şawkat Mirziýoýew Aşgabadyň Halkara howa menziline bardylar hem-de şol ýerde mähirli hoşlaşyp, geçirilen gepleşikleriň netijelerine kanagatlanma bildirdiler. Iki ýurduň we halklaryň dostluk, doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk we giň gerimli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ygrarlydyklaryny ýene-de bir gezek tassykladylar.

Özbegistan Respublikasynyň Baştutany Türkmenistana resmi saparyny tamamlap, uçarda Watanyna ugrady.

(TDH-niň maglumatlary esasynda gysgaldylyp alyndy).

Özbegistan biziň döwletimiziň başlangyjy bilen kabul edilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalarynyň 17-siniň awtordaşy bolup çykyş etdi.

Özbegistan Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-de döredilen Bitaraplygyň dostlarynyň toparynyň agzasy bolup durýar.

## Halkyň Arkadagly zamanasy

# Ýurdumyzyň döwlet dolandyryş ulgamy kämilleşdirilýär



22-nji oktýabrda Halk Maslahatynyň Diwanynyň binasynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklygynda ýurdumyzyň döwlet dolandyryş ulgamyny has-da kämilleşdirmek, welaýatlaryň etraplarynyň, şäherleriniň we obalarynyň dolandyryş-çäk birlikleriniň gaýtadan seretmek meselelerine bagyşlanan mejlis geçirildi.

Onuň dowamynda welaýatlaryň dolandyryş-çäk gurluşyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri durmuşa geçirmegiň wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda öňde duran wezipeleri üstünlikli amala aşyrmagyň anyk ugurlary kesgitlenildi.

Şeýle hem mejlisde Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň agzalarynyň, Mejlisiň deputatlarynyň, welaýatlaryň häkimleriniň, käbir ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylarynyň, welaýatlaryň häkimleriniň bilim, medeniýet, saglygy goraýyş we sport boýunça orunbasarlarynyň, şeýle hem welaýat häkimlikleriniň jogapkär hünärmenleriniň gatnaşmagynda geçirilen mejlisde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň wekilleriniň, welaýatlaryň häkimleriniň hem-de käbir ministrleriň çykyşlary we teklipleri diňlenildi.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy mejlisiň gün tertibini yglan edip, welaýatlaryň dolandyryş-çäk gurluşyny täze döwrüň ruhuna laýyklykda kämilleşdirip, geljek üçin möhüm wezipeleri kesgitlemek maksady bilen, hödürlenen teklipleri göz öňünde tutup, bu babatda degişli işleri geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda gysgaldylyp alyndy).

# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

20-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň käbir meselelerine hem-de birnäçe resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, ilki bilen, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň ýörelgelerine, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, jemgyýet we döwlet durmuşynyň dürli ulgamlarynyň ösdürilmegini hukuk taýdan goldamak babatda alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Soňra Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew milli kanunçylygy döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň häzirki ýagdaýlaryna, halkara hukugyň kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça ýurdumyzda amala aşyrylýan işler barada maglumat berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow maliýe-ykdysady, bank ulgamlaryndaky işleriň ýagdaýy, olaryň işini kämilleşdirmek boýunça amala aşyrylýan çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem ýurdumyzyň ähli sebitlerini okgunly ösdürmäge, gözegçilik edýän toplumynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmaga, ilata hödürlenilýän degişli döwlet hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreler barada habar berildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow şu ýylyň 26 — 28-nji oktýabrynda Aşgabatda geçirilmegi meýilleşdirilýän «Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2022» atly XXVII halkara maslahata we sergä görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy hem-de ekerançylyk meýdanlarynda suw serişdeleriniň netijeli ulanylyşy barada hasabat berdi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow ýurdumyzyň ýol-ulag ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, bu ugurda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan gaýragoýulmasyz wezipelere laýyklykda, halkara ulag geçelgelerini kemala getirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew ýurdumyzyň «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisine gatnaşmagynyň ýokary derejesini üpjün etmek bilen bagly guramaçylyk meseleleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Diýarymyzyň kuwwatyny görkezmek üçin degişli düzümler bilen bilelikde Türkmenistanyň milli pawilýonyny gurmak we ony enjamlaşdyrmak, bezeg işlerini amala aşyrmak babatda, şeýle-de beýleki guramaçylyk işleri geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Bütindünýä sergilerine gatnaşmagynyň ýurdumyzyň gazanýan üstünliklerini we ýeten belent sepgitlerini halkara bileleşige giňden görkezmäge, dürli ulgamlarda dünýäniň öňdebaryjy tejribesi bilen tanyşmaga, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň çäklerini giňeltmäge mümkinçilik berýändigini nygtady we «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisine taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde içgin işlemegiň wajypdygyna ünsi çekip, wise-premýere bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa döwlet Baştutanymyza «Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigi yglan etmek hakynda» Kararyň taslamasy barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek ugrunda görülýän toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň 10-njy maddasyna laýyklykda, Bilim ministrligi ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň çygrynda döwlet düzgünleşdirmesini we gözegçiligini amala aşyrýan ygtyýarly edara bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň garamagyna Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetini döretmek hakynda Permanyň hem-de bu komitetiň meseleleri hakynda, Bilim ministrliginiň meseleleri hakynda Kararlaryň taslamalary hödürlenildi.

Soňra wise-premýer «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasyndan gelip çykýan wezipelere laýyklykda, bu ugurda amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň habar beriş serişdeleri ulgamynda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew «Türkmenistana gelýän we onuň çäginden üstaşyr geçýän daşary ýurt döwletleriniň ýük awtoulag tirkegleriniň we ýarym tirkegleriniň eýeleriniden alynýan ýygymlary we tölegleri bellemek hakynda» Kararyň taslamasy barada hasabat berdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda gysgaldylyp alyndy).

ÝANGYN HOWPSUZLYGY

# Düzgünlere düzgün bolunsa...

Häzirki zaman jemgyýetinde raýatlaryň abadan ýaşaýşyny gazanmagyň iň esasy şertleriniň biri, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň berk berjaý edilmegini gazanmakdyr. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işgärleri tarapyndan ilatly ýerlerde, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, ykdysadyýet desgalarynda, jemgyýetçilik guramalarynda, oba hojalyk ekinleri bilen bagly işleriň alnyp barylýan obasenagat toplumlarynda tutuş ýylyň dowamynda ýangynlaryň öňüni alyş çäreleri geçirilýär. Şeýle çäreleriň dowamynda ýangyn döremeginiň öňüni almak üçin berjaý edilmeli şertler ildeşlerimiziň dykgatyna ýetirilýär. Şol şertleriň iň möhümlerine ýene bir ýola ünsi çekmek maksady bilen şulary ýatladýarys:

— öýden, iş ýerlerinden çykyp gitmezden öň, elektrik-gaz enjamlarynyň öçürilip-öçürilmändigini barlamagy unutmaň! Elektrik-gaz enjamlarynyň açyk, işleýän ýagdaýynda köp wagtlap gözegçiliksiz galdyrylmagynyň örän howpludygyny ýatda saklaň!

Kähalatlarda elektrik enjamlar ulanylanda, düzgün bozulmalara ýol berlip, dürli hadysalaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Şonuň üçin, ilkinji nobatda, öýleriň elektrik ulgamynyň gurnalyşynyň talabalaýyk bolmagyny gazanmaly. Daşky örtügi zaýalanan, zeper ýeten, ulanyş möhletleri geçen, köne elektrik geçirijileri çalyşmaly. Öýüň elektrik ulgamynda awtomatik goraýjylar talabalaýyk bolmaly. Onuň işleýşine hemişe gözegçilik etmeli. Elektrik ulgamyna bir wagtyň özünde çendenaşa köp elektrik sarp ediji enjamlaryň birikdirilmegine ýol bermeli däl, çünki elektrik ulgamyna agram düşmegi bilen dürli hadysalaryň ýüze çykmagy ähtimal. Geçirijiler biri-biri bilen birikdirilende, ýörite gysyjylar bilen berkidilse talabalaýyk bolar. Elektrik gyzdyryjy enjamlary öý goşlarynyň, mebelleriň, penjireleriň ýanyjy perdeleriniň golaýynda goýmak gadagandyr.

Gaz bilen işleýän enjamlary ulanmazdan ozal, gurnalyş, ulanyş hem-de olaryň ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini gyşarnyksyz berjaý etmelidiris. Gaz bilen işleýän gyzdyryjy enjamlary köp gatly ýaşaýyş-edara jaýlarynda ulanmak bolmaýar. Öýüň içini ýylatmak üçin gaz plitasyny ulanmak gadagandyr. Islendik görnüşdäki gaz enjamlarynyň gaz geçirijileri hökmany ýagdaýda polat-demir turbalar bolmalydyr.

Ýangyn köplenç halatda ýylylyk beriji enjamlaryň, peçleriň tüsseçykarlaryny üçegiň ýokarsyna çykarylanda, jaýlaryň ýanyjy germewlerine degýän ýerlerinde ýangyna garşy aralygyň goýulmaýandygy sebäpli emele gelýär. Ýangyna garşy aralyk 38 santimetrden az bolmaly däl. Ýylylyk beriji enjamlaryň çekijilik mümkinçiligini artdyrmak üçin, tüsseçykarly jaýyň üçeginden ýarym metr ýokarlygyna çykarmaly, wagtly-wagtynda gurumdan arassalap durmaly. Tüsse çykaryjy turbalaryň birikdirilen ýerlerinde ýyşlary bar bolsa, ol ýerler palçyk bilen suwalmaly. Bu şol ýyşlardan ýanan gurum uçgunlary ýa-da tüssäniň zäherleýji gazy daşyna çykyp, adamlara howp ýa-da üçekde ýangynyň döremezligi üçin zerurdyr.

Ýaşaýyş jaýlarynyň ýangyn howply otaglarynda, üçeginde, ýerzemininde, awtoulaghanalarynda, mal ýataklarynda, saman-bede, odun we öýüň beýleki ýangyn howply kömekçi otaglarynda elektrik ýagtylandyryjy çyralaryň daşlary gorag aýna örtügi bilen üpjün edilen bolmaly. Şol otaglarda elektrik tok geçiriji simler suwagyň astyndan ýa-da polat turbanyň içinden geçirilmelidir. Ýangyn howpsuzlyk düzgünnamasynyň talaplaryna laýyklykda, agaç gyryndysyny, sypal, saman, gamyş we beýleki çalt tutaşyjylary jaýlaryň üçeklerini ýylatmak maksady bilen düşemeklik, şeýle-de öýleriň üçeklerinde ýanyjy öý goşlaryny saklamaklyk talabalaýyk däldir.



Ýangynyň islendik görnüşi ýüze çykanda, tüssäniň ysy alnanda, öý telefony arkaly «01» ýa-da öýjükli el telefonyndan «001» belgä habar bermelidigini ýatladýarys.

Hormatly ildeşler, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berk berjaý etmek biziň her birimiziň raýatlyk borjumyzdyr! Ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň talaplaryny öz wagtynda doly we dogry ýerine ýetirmegiňiz, ilkinji nobatda, siziň jan saglygyňyzyň, emläkleriňiziň ýangyn howpundan goralmagynyň esasy girewidigini unutmaň!

**Ýazmuhammet AKMEDOW,**
Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň 6-njy bölüminiň müdiri.

2022-nji ýylyň 26 — 28-nji oktýabrynda Aşgabatda «Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2022» atly XXVII halkara maslahaty we sergisi geçiriler.

Halkara serginiň işine ýerli kärhanalaryň hem-de telekeçileriň, daşary ýurt kompaniýalarynyň birnäçesiniň gatnaşmagy göz öňünde tutulýar.

IŞEWÜRLIK. YLYM. DÜNÝÄ TEJRIBESI

# Dünýäde we Türkmenistanda sogan önümçiligi

*(publisistik söhbetdeşlik)*



Ine, biz Döwletgeldi Ballyýew bilen ýenede duşuşdyk. Bir çäýnek gök çaýy orta alybam, söhbede başladyk. Bu gezek soganyň «üstünden düşdük».

**— Döwlet, noutbugyň hemişe ýanyňda. Şony açyp görseňem aňarsyň, dünýä aşhanasynyň statistikasyna görä, sogan atylmaýan nahar Ýer ýüzünde ýok diýen ýalydyr. Ony has köp iýýän, dermanlyk häsiýeti üçin barha kän harçlaýan ýurtlar köpelýär.**

— Ýer ýüzünde, esasan, 3 reňkli sogan bar. Birinjisi — sary sogan. Onuň görnüşi ulurak bolup, ol dünýä boýunça ekilýän soganyň 85-87%-ini tutýar. Onsoň onuň Ýer togalagynyň ähli yklymlarynda ýörgünli ekilýändigem, şonçarak iýilýändigem düşnüklidir.

Ikinjisi — gyzyl sogan. Ýer ýüzünde gyzyl soganyň ekiliş möçberi statistik maglumatlara görä, häzirki döwürde 8-10% çemesinde. Gyzyl sogan sary hem ak sogana garanyňda, has ajylygy bilen tapawutlanýar. Şol sebäpden ilatyň iňňän gür ýaşaýan yssy ýurtlarynda gyzyl sogan köp iýilýär. Sebäbi keselleriň ýaýramagyna garşy göreşde, şeýle hem immuniteti ýokarlandyrmakda onuň orny uly. Eşidensiň-ä, gadymy hem dana Gündogarda «Azajyk agyryny bir-ä aş basar, birem ajy» diýlen aýtgyny. Şonuň üçinem, Hindistan, Pakistan, Bangladeş, Nepal, Şri-Lanka ýaly has yssy, tropiki guşaklykda ýerleşýän ýurtlarda gyzyl sogana hyrydar köpdür.

Üçünji görnüşi bolsa ak sogan. Onuň dünýä boýunça ekilişi ortaça 5%-dir. Ak sogan naharda reňkiniň ýoklugy, esasan-da, gyzyl hem-de sary sogana garanyňda, ajysynyň azlygy bilen tapawutlanýar. Sogany beýleki dünýä ýurtlaryna garanyňda, arap ýurtlary has köp sarp edýärler.

**— Döwlet, belli bolşy ýaly, sogan Ýer ýüzünde esasy azyklyk ekinleriň biri...**

—Häzirki wagtda Ýer ýüzi boýunça her ýyl 100 million tonnadan gowrak sogan hasyly alynýar. Bellärlikli tarapy-da, ýetişdirilen hasyl öz öndürilen ýurdunda ýerlenilýär.

Sogan dünýäniň gaty köp ýurdunda ösdürilip ýetişdirilýär. FAO-nyň berýän maglumatyna görä, ol dünýäniň 175-den gowrak ýurdunda ekilýär. Deňeşdirmek üçin ýene bir maglumaty agzaýyn, ol hem bu görkezijiniň bugdaý ekýän ýurtlara garanyňda, 2 esse köplügidir. Onsoň bilibermeli, soganyň nähili islegli harytdygyny. Hindistan, Hytaý, ABŞ, Müsür, Türkiýe, Pakistan, Eýran, Bangladeş, Sudan, Indoneziýa iň köp sogan ekilýän ýurtlardyr. Bu ýerlerde onuň ummasyz köp hasyly alynýar. Aslyýetinde islegden hem-de dünýä bazarynyň talaplaryndan ugur alyp, ekinleriň köp görnüşlerini, şol sanda sogany hem ekýän ýa-da ozalky ekilýän ýer möçberini giňeldýän ýurtlar barha köpelýär.

Birje meselä ünsi çekeliň! Bu ýerde Hindistanyň we Hytaýyň ilkinji orunlarda bolmagy ählumumy azyk howpsuzlygy hem-de azyk garaşsyzlygy bilen berk baglanyşyklydyr. Anyk aýdanyňda, Hindistan hem-de Hytaý aýratynlykda alanyňda, 1,4 milliarddan gowrak halkyny eklemek üçin sogany ekip, ondan bol hasyl almaly bolýar. Muňa garamazdan, bu ýurtlar diňe bir öz içki bazarlary bilen çäklenmän, sogan önümçiligine ussatlyga ýetip, goňşy ýurtlaryna uly mukdarda eksport hem edýärler. Şeýlelikde, bu iki döwlet eksport boýunça dünýäde Niderlandlardan soň, degişlilikde, 2-nji we 3-nji orny eýeleýärler.

Bize has ýakyn ýurtlar bolan Eýranda, Özbegistanda, Türkiýede, Pakistanda, Russiýa Federasiýasynda hem sogan önümçiligi bireýýämlerden bäri senagatlaşan pudak hökmünde belli. Şeýlelikde, sogan hasylynyň alnyşy artyp gidip otyr.

**— Has anyklaşdyryp, bu ekinden alynýan hasylyň möçberi barada-da agzaýsak... Bilýäs-ä, ylym bilen tejribäni utgaşdyrmagyň hasabyna ýylda iki, hatda üç hasyl hem alyp bolýandygy indi täzelik däl.**

— Sogan — diýseň hasylly, özüne düşýän gymmaty arzan önüm hökmünde bellidir. Hut şoňa görä-de, ol arzan ulaglarda daşalmasa, ýol harajadynyň harydyň öz bahasyndan gymmat düşýän wagtlary-da bolýar. Şol sebäpden-de, sogan eksportynda deňze ýa-da ummana çykalgaly bolmak eksportyň «altyn açarydyr». Bir artykmaçlygy — ol «ýetmeziniň» üstüni derrew ýapýar, sebäbi hasyly durnukly, aňsat-aňsat zaýalanmaýar.

Indi dünýä bazaryna barmak meselesine dolanalyň! Hytaý deňiz üsti bilen Wýetnam we Ýaponiýa ýaly ýurtlara uly mukdarda eksport edýär. Hindistan bolsa Bangladeşe, Malaýziýa, Şri Lanka we Birleşen Arap Emirliklerine ter düýp soganyň eksportyny amala aşyrýar.

Amerikada bu önümiň özüne düşýän gymmatynyň ýokarydygy düşnüklidir. Şeýlelikde, logistika çykdajylaryny hasaba alanyňda, ABŞ-nyň demirgazyk böleginde bitýän hasyl goňşy Kanada eksport edilip, günortadan import etmek ýaly ykdysady taýdan bähbitli çözgütleri hem kabul edýär. Hut şol sebäpden ABŞ dünýäde her ýyl 540 million amerikan dollaryna barabarlyk sogany import ediji ýurt hökmünde bellidir. Amerika soganyň esasy bölegini Meksikadan we galan bölegini möwsümine baglylykda, Perudan, Çiliden, Hytaýdan we beýleki dünýä döwletlerinden import edýär.





**Hindistan, Hytaý, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Müsür, Türkiýe, Pakistan, Eýran, Bangladeş, Sudan, Indoneziýa iň köp sogan ekilýän ýurtlardyr.**



Oba hojalyk önümlerini öndürmekde hem-de eksport etmekde, şeýle hem beýleki ýurtlardan hasyl möwsümi satyn alyp, olary ammarlarda uzak wagtlap saklap, täzeden kiçi gaplara gaplap eksport etmekde Niderlandlar baý tejribesi bilen bellidir. Niderlandlaryň dünýä belli tohumçylyk we oba hojalyk kompaniýalary bu ugurda uly işleri amala aşyrýarlar. Atlantik ummanyna çykalgasy bolmagy, Ýewropada ýerleşmegi, ýurtda gök önüm saklamaga niýetlenen sowadyjy ammarlaryň köplügi, beýleki yklymlardaky bazarlardan günübirin habarly bolmagy, arzan sogan öndürýän ýurtlar we olaryň möwsümleri barada anyk maglumatlary bilýändikleri, zerur bolanda ýekeje sagat gijikdirmän, bu işe girişýändikleri, galyberse-de, sogany import ediji ýurtlaryň talaplaryny doly özleşdirendikleri Niderlandlaryň iň uly eksport ediji bolmagynyň esasydyr. Niderlandlar umumy bahasy 110 million dollara golaý bolan sogany goňşy döwlet bolan Germaniýa we 76,4 million dollarlyk sogany beýleki ýakyn goňşusy Belgiýa eksport edýär. Bulardan başga-da, Angliýa 43,3 million dollarlyk, Senegala 50,2 million dollarlyk, Fransiýa 27,7 million dollarlyk, Polşa 25,8 million dollarlyk, Malaýziýa 18,8 million dollarlyk we Filippinlere 17,5 million dollarlyk, galyberse-de, beýleki dünýä ýurtlaryna sogan eksportyny amala aşyrýar.

**— Diýmek, soganyň özi ajy bolsa-da, söwdasy, gör, nähili süýji eken. Gel, indi öz bazarymyza dolanaly. Sogan türkmen topragynda-da bol hasyl berýän ekin hökmünde ornuny barha berkidip barýan bolsa gerek.**

— Gaty dogry. Biziň döwrümizde türkmen babadaýhanlary sogan ýetişdirmegiň ussatlary boldular. Şol ussatlyk bilen dünýä bazaryna barmak — aýry mesele.

Türkmenistanyň kontinental klimat guşaklygynda ýerleşýändigini okawçy wagtymyz geografiýa sapagyndan okanymyz ýadymda. Bu sogan üçin gaty amatly şerti alamatlandyrýar. Hut şonuň üçinem, ýurdumyzda sogandan ýylda iki gezek hasyl alyp bolýar. Sogan ýaz we güýz aýlary ekilýär. Güýzki sogan awgust aýynyň ahyrynda, sentýabr aýynyň başynda howa şertlerine baglylykda ekilip başlanylýar. Oktýabr aýynyň ahyryna, noýabr aýynyň başyna çenli dowam edýär. Şu ýerde bu ekini ekmegiň daýhan üçin gaty gymmat düşmeýändigini hökman agzamaly. Agrotehniki kada, has anygy, takyk ekiji enjamlar bilen ekilse, gektara 6-7 kilogramdan artyk tohum gerek däl. Bu bolsa ekiniň özüne düşýän gymmaty ujypsyzja diýmekdir. Türkmenistanyň sogan önümçiliginde 1 tonna soganyň özüne düşýän gymmaty boýunça dünýäniň iň arzan ýurtlarynyň hataryndadygyny ýatladasym gelýär. 1 tonna soganyň özüne düşýän gymmaty 30-40 amerikan dollaryndan geçmeýär. Iň esasy talap, möhletinden gijikdirilmän ekilip, agrotehniki kadalary dürs berjaý edilip, idegi we mineral dökünleri ýeten sogan aprel aýynyň ortalaryndа eýýäm ýygyma taýýar bolup başlaýar. Bu bolsa entek gyşdan çykmadyk demirgazyk goňşularymyz bolan Gazagystan Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Ukraina, Belarus Respublikasy ýaly döwletlere irki sogany eksport etmäge uly mümkinçilik berýär. Ýazyň ortalaryna alynýan irki sogan hasyly 1 gat gabykly bolup, ammarda saklamaga amatsyzdyr. Şol sebäpden ony derrew eksport edip, alyjylara ýetirmeli. Aprel we maý aýlarynda howanyň gaty gyzmaýanlygyny nazara alsak, sogany nowasy örtgüli ulagda eksport etmek mümkinçiliginiň bardygy düşnüklidir. Güýz ekilen sogan iýun aýynda köpçülikleýin ýygylýar, ýöne ol wagt sogany eksport etjek bolsaň, hökmany sowadyjyly awtoulaglarda we sowadyjyly wagonlarda äkitmeklik amatly.

Gyşyň ahyryna we ýazyň başyna ekilen sogan bolsa, sentýabr aýyndan başlap, tä noýabryň ahyryna çenli ýygylýar. Ýaz we tomus aýlarynda idegi ýeten sogan sortuna baglylykda, 2-3, hatda 4-5 gat gabykly bolup, ol uzak wagt saklamak üçin amatlydyr. Gyşda iýmek üçinem ýaramly. Güýz soganlary günortada Pakistan, Hindistan, Şri-Lanka, Bangladeş ýaly musson ýagyşlaryndan soň, sogana mätäç ýurtlara eksport etmek üçin uly mümkinçilikdir, ýöne ol ýurtlarda gyzyl sogana islegiň uludygyny hem unutmaly däl.

Ýurdumyzyň Ahal welaýatynyň Mäne-Çäçe düzlüginde, şeýle-de Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynda gyzyl sogan ösdürip ýetişdirýän ussat babadaýhanlaryň bardygyny nygtasym gelýär. Sary sogany ýetişdirmekde Bäherden etrabynyň ussat babadaýhanlary we Akbugdaý etrabynyň Garadaşaýak, Akdaşaýak obalarynyň ussat daýhanlarynyň, şeýle de lebaply ussat daýhanlaryň sogandan depe döredip bilýändigini aýtmaly.

Ak sogany ekmekde daşoguzly daýhanlar uly ussatlyk görkezýärler. Ýazky hasyly demirgazyk ýurtlara eksport etsek, güýzki hasyly günorta we Okeaniýa ýurtlaryna eksport edip, ýurdumyza gelýän walýutanyň — gyzyl puluň mukdaryny has-da artdyryp bileris. Bizde gektardan 300, hatda 500 sentner sogan alyp bilýän daýhanlaryň, telekeçileriň sanynyň barha köpelýändigi bu diýýänimize güwälikdir.

**— Döwlet, dogry aýdýaň. Alyn deriň bilen harman döredip, halal gazanç bilen özüň baýap, mähriban Watanyň ykdysady kuwwatyny berkidip bilseň, oňa ýetesi näme bar?! Tüweleme, şeýle erjelden azaphon, innowasiýalardan baş çykarýan, ylmy gadymy daýhançylyk bilen utgaşdyryp bilýän işewür ýigitlerimiz köpelýär. Galan gürrüňem näme, indiki duşuşyga goýaýaly! Siz iş sapary bilen daşary ýurda barýan bolmaly, ýoluňyz ak bolsun!**

—Sag boluň! Şeýle bähbitli söhbetdeşlige biz hemişe taýýardyrys. Onda näme, ýene görüşýänçäk!

Söhbetdeşligi guran:
**Gurbannazar ORAZGULYÝEW,**
**«Biznes reklama».**

Niderlandlar umumy bahasy 110 million dollara golaý bolan sogany Germaniýa we 76,4 million dollarlyk sogany Belgiýa eksport edýär.

FAO-nyň berýän maglumatyna görä, sogan dünýäniň 175-den gowrak ýurdunda ekilýär.

TELEKEÇILIK

# «Ak bulut» hojalyk jemgyýeti Özbegistana asma potoloklary eksport etdi

Ýaňy-ýakynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda ýerleşýän «Ak bulut» hojalyk jemgyýeti ilkinji gezek Özbegistana 13 müň inedördül metrden gowrak asma potoloklary eksport etdi.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Ak bulut» hojalyk jemgyýetiniň önümlerine daşary ýurtly müşderiler tarapyndan uly isleg bildirilýär. Häzirki wagta çenli, «Ak bulut» hojalyk jemgyýetiniň önümleri Azerbaýjana, Gyrgyzystana we beýleki goňşy ýurtlara eksport edildi. Kärhananyň degişli hünärmenleri tarapyndan önümleriň nobatdaky tapgyryny goňşy ýurtlara ugratmak boýunça eksport amallarynyň üstünde işlenilýär.

Şeýle-de hojalyk jemgyýeti Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde gurulýan binalary ýokary hilli asma potoloklaryň dürli görnüşleri, «T» görnüşli, alçipan profilleri, gips panelleri bilen üpjün edýär. Ýeri gelende aýtsak, kärhanada akustik agaç diwarlyklarynyň önümçiligini ýola goýmak babatda hem degişli işler alnyp barylýar.






Kärhananyň www.akbulut.com.tm web-saýtynda, ykjam telefonlara niýetlenilen «Ak bulut» programmasynda hojalyk jemgyýetiniň hyzmatlary hem-de önümleri bilen tanyşmaga mümkinçilik döredildi. Bu salgylarda müşderiler üçin gerek bolan harytlarynyň mukdaryny hasaplamak üçin ýörite kalkulýator ýerleşdirildi.

Hojalyk jemgyýeti 2015-nji ýylda esaslandyrylyp, ol Türkmenistanda asma potoloklaryň önümçiligini ýola goýan ilkinji kärhanadyr. Häzirki wagtda hojalyk jemgyýeti «Ak bulut» haryt nyşanly önümleriň 50-den gowrak görnüşini öndürýär. 2021-nji ýylda «Ak bulut» hojalyk jemgyýetine işiň ulgamlaýyn gurnalşynyň hem-de önümçiligiň ýokary hilini kepillendirýän ISO 9001:2015, ISO 14001:2015, ISO 45001:2018 halkara güwänamalary gowşuryldy.

**Gülruh HAJYÝEWA,**
«Ak bulut» hojalyk jemgyýetiniň satyş boýunça hünärmeni.

HALKARA SERGI

# «K-2022» plastik harytlar we kauçuk, olary gaýtadan işlemek üçin enjamlar boýunça ýöriteleşdirilen 22-nji halkara sergi




Plastik harytlar we kauçuk, olary gaýtadan işlemek üçin enjamlar boýunça ýöriteleşdirilen bu sergi üç ýyldan bir gezek Germaniýanyň Dýusseldorf şäherinde geçirilýär.

2016-njy ýylda bu halkara sergi 3285 eksponenti (2013-nji ýylda 3220 eksponent) bir ýere jemläp, oňa dünýäniň 160 ýurdundan 230 müň adam (2013-nji ýylda 218 müň adam) syn etmäge barypdy. Soňky sergilerde daşary ýurtlardan gelýänleriň sany dowamly artýar: serginiň netijesi boýunça girdejileriň 70%-i daşary ýurtlardan, gelýän myhmanlaryň 40%-den gowragy Bangladeş, Kosta-Rika, Efiopiýa, Kot-d'Iwuar, Ýamaýka, Oman, Madagaskar, Mawriki, Surinam ýaly ýurtlardan gelýär. 30 müňden gowrak gatnaşyjy Günorta, Gündogar we Merkezi Aziýadan gelýär. Hindistanyň uly kompaniýalarynyň wekillerinden hem hünärmenleriň uly topary bu halkara sergä dowamly gatnaşýarlar. Sergä barýan myhmanlaryň hatarynda Hytaýyň, Koreýa Respublikasynyň we Eýranyň wekilleri-de dowamly artýar.

Erkeklere niýetlenilen egin-eşik we aýakgap öndürýän «Henderson» kompaniýasy Ermenistanyň bazaryna çykdy. Kompaniýanyň ilkinji dükany Ýerewanda açylandygy hakda kompaniýanyň metbugat gullugy habar berdi. «Henderson» kompaniýasynyň Ýerewanda, takmynan, 400 inedördül metr meýdany tutýan erkek kişiler üçin niýetlenilen moda salony «Rio Mall» söwda merkeziniň birinji gatynda ýerleşýär. Dükanda erkek kişileriň egin-eşikleriniň, aýakgaplarynyň, şeýle-de kosmetikadyr atyrlarynyň ýüzlerçe görnüşi hödürlenýär.

Dükanda müşderileriň satyn alan egin-eşiklerini olaryň syraty boýunça sazlamak hyzmaty hem ýola goýlupdyr.

Ýeri gelende aýtsak, kompaniýa şu ýylyň noýabr aýynda Ermenistanyň paýtagtynyň merkezinde özüniň baş salonyny açmagy meýilleşdirýär.

**Abadan NURMYRADOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň 3-nji ýyl talyby.




## «TESLA»-nyň paýnamalary üçünji çärýegiň hasabatyndan soň pese düşdi




Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň elektromobilleri öndürýän «Tesla» kompaniýasynyň maliýe hasabatlaryna we söwda maglumatlaryna laýyklykda, kompaniýanyň 2022-nji ýylyň üçünji çärýeginde gazanan sap girdejisi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, iki esse artyp, ABŞ-nyň 3 milliard 292 million dollaryna barabar boldy. Muňa garamazdan, kompaniýanyň paýnamalary deslapky birža söwdalarynda 6,3% töweregi pese düşdi.

Hasabat döwründe «Tesla»-nyň her paýnamadan alan paý peýdasy 2021-nji ýylyň üçünji çärýegi bilen deňeşdireniňde, 2 essä golaý ýokarlanypdyr. Kompaniýanyň söwdalary 1,6 esse artyp, ABŞ-nyň 21 milliard 454 million dollaryna deň bolupdyr.

«Tesla Motors» kompaniýasy 2003-nji ýylda elektrik ulaglaryny, olar bilen baglanyşykly tehnologiýalary işläp düzýän we öndürýän kompaniýa hökmünde esaslandyryldy. Kompaniýanyň ştab-kwartirasy Kaliforniýa ştatynyň Palo-Alto şäherinde ýerleşýär.

**Ezizmuhammet ABAÝEW,**
Ahal welaýat ýörite sungat mekdebiniň horeografiýa mugallymy.

«Barclay's» banky «NortonLifeLock»-yň paýnamalarynyň «bazar bahadan pes» reýtingini tassyklap, ABŞ-nyň 22 dollary möçberinde maksatlaýyn baha kesgitledi.

«Plug Power» 2022-nji ýylyň birinji çärýeginiň paý peýdasyny 17% ýokarlandyryp, ABŞ-nyň 2,25 dollary möçberine ýetirdi.

## Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy www.exchange.gov.tm

| Haryt | Ölçeg birligi | Möçberi | Bahasy | Töleg şerti | Iber. şert. | Nokady |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Taýýar düşekçe toplumy: flanel ýorgan daşy 1 sany (200x220sm), düşekçe üsti 1 sany (240x260sm), ýassyk daşy 2 sany (65x65sm), boýalan, basylan (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň +/-5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662427) | toplum | 4 800,00 | 121,74 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Taýýar düşekçe toplumy: kreton ýorgan daşy 1 sany (160x220sm), düşekçe üsti 1 sany (180x240sm), ýassyk daşy 1 sany (65x65sm), boýalan, basylan (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň +/-5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662427) | toplum | 8 000,00 | 104,35 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Taýýar düşekçe toplumy: kreton ýorgan daşy 1 sany (200x220sm), düşekçe üsti 1 sany (240x260sm), ýassyk daşy 2 sany (65x65sm), boýalan, basylan (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň +/-5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662427) | toplum | 7 200,00 | 126,09 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Ak reňk, trikotaž matadan maýka, ölçegleri: S, M, L, XL, XXL, XXXL (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662427) | sany | 96 000,00 | 9,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Nah flannel matasy, aşgarlanmadyk inçe, dürli inli ±2,5% sm, Nm34/1 Ring OE x17/1 OE (Ne20/1Ring OE x10/1 OE) 142 gr./in.m. ±5% (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662459) | in.m. | 990 000,00 | 4,06 | öňünden tölemek | EXW | Wekilbazar etraby |
| Nah flannel matasy, aşgarlanmadyk, dykyz, dürli inli ±2,5% sm, Nm34/1 Ring OE x 14/1 OE (Ne20/1Ring OE x 8/1 OE) 167 gr./in.m. ±5% (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662461) | in.m. | 990 000,00 | 4,20 | öňünden tölemek | EXW | Wekilbazar etraby |
| Jinsi jalbary (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 130,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Jinsi şorty (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 80,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Jinsi ýubka (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 80,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Çaga jinsi jalbary (2 – 10 ýaşa çenli) (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 85,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Çaga jinsi jalbary (10 ýaşdan ýokary) (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 90,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Bir adamlyk taýýar düşekçe toplumy: kreton (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 1 000,00 | 155,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Iki adamlyk taýýar düşekçe toplumy: kreton (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 1 000,00 | 196,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Bir adamlyk taýýar düşekçe toplumy: flanel (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 2 000,00 | 144,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Iki adamlyk taýýar düşekçe toplumy: flanel (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 2 000,00 | 181,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat dokma sen. önümçilik üçin, Nm 27/1 (Ne 16/1) RK (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 664070) | kg. | 100 000,00 | 43,75 | öňünden tölemek | EXW | Tagtabazar etraby |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat dokma sen. önümçilik üçin, Nm 34/1 (Ne 20/1) RK (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 664070) | kg. | 100 000,00 | 45,00 | öňünden tölemek | EXW | Tagtabazar etraby |
| **Içerki / Türkmen manady** | | | | | | |
| Haryt ýöriteleşdirmä laýyklykda («Türkmenhaly» DB) (ýüzt. 641753) | in.m. | 347,73 | 0,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Haryt ýöriteleşdirmä laýyklykda («Türkmenhaly» DB) (ýüzt. 641755) | sany | 59,00 | 0,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Nah ýüplük, Nm 51/1 (Ne 30/1) Ring (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 658400) | kg. | 300 000,00 | 17,40 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| **Gurluşyk önümleri / Daşarky / ABŞ-nyň dollary** | | | | | | |
| Portlandsement PS 500-GO-K (guýlan we satyn alyjynyň hasabyna) (Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 658920) | tn. | 10 000,00 | 43,00 | öňünden tölemek | EXW | Lebap wel., Köýtendag etr. Garlyk şäherçesi |
| Portlandsement PS 400-G20-K (guýlan we satyn alyjynyň hasabyna) (Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 664273) | tn. | 20 000,00 | 36,00 | öňünden tölemek | EXW | Lebap wel., Köýtendag etr. Garlyk şäherçesi |
| **Içerki / Türkmen manady** | | | | | | |
| Sozulan armatur A500C- Ø16mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 658823) | tonna | 2 000,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Sozulan armatur A500C- Ø20mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 658823) | tonna | 1 980,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Sozulan armatur A500C- Ø12mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 662851) | tonna | 2 000,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Sozulan armatur A500C- Ø18mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 662851) | tonna | 1 500,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |

**Bellik: TDHÇMB-niň söwdalaryna çykarylan pagta we nebit önümleriniň bahalary halkara nyrhnamalara laýyklykda günde üýtgeýär (pagta boýunça «Cotton Outlook» maglumat agentliginiň, nebit önümleri boýunça «Platts» maglumat agentliginiň we polimer önümleri boýunça «ICIS»maglumat agentliginiň maglumatlaryna laýyklykda).**

**Biziň internet saýtymyz: www.exchange.gov.tm** **Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz : 44-61-16, 44-62-75**

«Volvo»-nyň 2022-nji ýylyň dokuz aýynda sap girdejisi 4% ýokarlanyp, 26 milliard 279 million şwed kronasyna barabar boldy.

«Tesla»-nyň girdejileri 2022-nji ýylyň üçünji çärýeginde iki esse ýokarlanyp, ABŞ-nyň 3 milliard 292 million dollaryna barabar boldy.

## Üstünligiň taglymaty



# «Ferrarisini» satan keşiş

**Arzuwlaryň amala aşmagy we ykbal peşgeşine eýe bolmak hakynda hekaýat**






Robin Şarma

Terjime eden: **Orazmyrat MYRADOW**



*(Başlangyjy gazetimiziň geçen sanlarynda).*

## Onunjy bölüm. Tertip-düzgüniň güýji

— Bar bolany şumy? — diýip, bu formulanyň eliň aýasyndaky ýaly sadalygyna geň galyp soradym. — Şu ýönekeýje maşk arkaly erk güýjümiň ähli goruny dolulygyna peýdalanyp bilerinmi?

— Bu maşk Gündogaryň ruhy halypalary tarapyndan asyrlarboýy öwredilip gelnipdir. Onuň häzirki güne gelip ýetmeginiň bir sebäbi bar: onuň iş ýüzünde haýry degýär. Hemişe bolşy ýaly, netijelere garap baha kes. Eger bilesiň gelse, erk güýjüňi ýüze çykarjak we içki dünýäňdäki tertip-düzgüni berkitjek başga maşklary hem hödürläp biljek. Ýöne öňünden duýduryan, bularyň ilkibada geň-taň görünmegi hem ahmaldyr.

— Julian, men eşidýän zatlarymyň täsirine düşüp, jadylanyp galdym. Bu gün seniň döwüň sürýär, gürrüňiňi bölme.

— Ýeri, bolýar. Birinjiden, etmäge o diýen höwesek bolmadyk işleriňi berjaý etmäge başla. Seniň üçin bu säher bilen ýorgan-düşegiňe serenjam bermek ýa-da işe ulagyňda däl-de, ýöräp gitmek bolup biler. Erk güýjüňi peýdalanmagy endigiňe öwürmek bilen, sen gowşak taraplaryň guly bolmagyňy bes edersiň.

— «Ulanmasaň, ýitirersiň» kadasymy?

— Dogry. Erkiňi hem içki güýç-kuwwatyňy kämilleşdirmek üçin, ilkinji nobatda, olary ulanmalysyň. Içki dünýäňde şinelän öz-özüňi tertip-düzgüne salmak gämigine näderejede tutanýerlilik bilen ideg etseň, ol şonça-da tiz ers-mers bolup, özüni tutar we seniň garaşan netijäňi, miwäňi eçiler. Ikinji maşk — Ýogi Ramanyň halaýan maşky. Käte ol gönüden-göni özüne berlen sowala jogap gaýtaraýmasa, uzynly gününi ýeke söz hem aýtman ötürerdi.

— Dymmaklyga äht etmegiň bir görnüşimi?

— Umuman, muňa şeýle diýseňem bolar, Jon. Munuň ýaýramagyna sebäp bolan Tibet keşişleriniň ynanjyna görä, adamyň özüni tertip-düzgüne salyp bilmegi onuň uzak wagtlap dilini saklap bilşine bagly.

— Munuň nähili baglanyşygy bar?

— Aslynda, uzynly gün dymmagy başarmak bilen, sen öz erkiňi buýrugyňy ýerine ýetirmäge boýun edýäň. Her gezek añryňdan gürlemek höwesi dyňzap gelende, ony bada-bat agyzdyryklap, ümsüm halda galarsyň. Görýäňmi, seniň erkiň öz aňy-akyly ýok-da. Ol seniň özüni herekete getirjek görkezme bermegine garaşýar. Oňa näderejede berk gözegçilik etseň, ol şonça-da güýçli hala geler. Asyl mesele adamlaryň aglabasynyň bu erk güýjüni ulanmaýanlygynda.

— Näme üçin beýle? — diýip soradym.

— Ähtimal, adamlaryň köpüsiniň özünde erk güýjüniň ýoklugyna ynanýanlygy üçindir. Olar göz-görtele bolan bu gowşak taraplary üçin özlerinden başga hemme kişini, hemme zady aýyplaýarlar. Garasöýmez, gödek häsiýetli kişiler saňa: «Etjek alajym ýok, kakamdan geçen-dä bu gylyk maňa» diýerler. Öte köp alada edýänler: «Bu meniň günäm däl, işde alada kän» diýerler. Aşa köp ýatýanlar: «Nädeýin-dä?! Süňňüm on sagatlyk ukyny küýseýär» diýerler. Beýle adamlara öz-özüniň öňündäki jogapkärçilik ýetenok, ol bolsa her birimiziň süňňümizde gizlenip ýatan we hereket etmek üçin oýarylmagyna garaşýan adaty bolmadyk mümkinçiliklere akyl ýetirmek bilen döreýär. Bu älemi hem-de ondaky ähli barlyklary dolandyryp duran müdimilik tebigat kanunlaryna akyl ýetireniňde, bolup biljek zatlarynyň ählisini başarmak hukugynyň özüňe doglan pursadyňda berlenligine-de düşünersiň. Sen töweregiňdäkilerden has artyk bolar derejedäki güýje eýesiň. Edil şonuň ýaly-da, öz geçmişiň bendisi bolmakdan has uly derejä ýetmek üçinem mümkinçiligiň bardyr. Muny başarmak üçin seniň öz erkiňe hojaýyn bolmagyň gerekdir.

— Juda agramly-ha eşidilýär.

— Hakykatdanam, bu iş ýüzünde örän peýdaly ýörelge. Häzir özüňde bar bolan erk güýjüni iki ýa-da üç esse artdyrsaň, nämeler edip biljekligiňi göz öňüňe bir getirip gör. Arzuw edip ýören maşklaryňy gün tertibiňe goşup bilersiň, wagtyňa has aýawly çemeleşerdiň, alada galmak endigiňden bütinleý saplanyp bilerdiň ýa-da ideal derejedäki maşgalabaşy bolup bilerdiň. Erk güýjüňi peýdalanmak bilen, sen ýitirendirin öýdüp güman edýän hyjuwyňy hem durmuşa bolan höwesiňi gaýtadan tutaşdyryp bilersiň. Ine, şu aýratyn üns berilmeli ýagdaý.

— Diýmek, iň esasy zat — erk güýjümi yzygiderli ulanmagym gerek, şeýlemi?

— Kynçylyksyz, ozal torç edilen ýodadan ýöremegiň deregine, edilmegi zerur bolan işleri ýerine ýetirmek barada netijä gel. Älem giňişligine çykmak üçin, raketanyň Ýeriň dartyş güýjüni ýeňip geçmeli bolşy ýaly, ýaramaz endikleriň hem gowşaklyklaryň dartyş güýjüni ýeňjek bol. Dyrjaş, özüňi öňe iter. Sähelçe hepdede bolup biljek zatlary synla.

— Şuňa-da mantranyň kömegi degermi?

— Hawa. Saňa aýdan mantramy bolmak isleýän kişiňi hyýalyňda janlandyrmak bilen utgaşdyryp, gündelik gaýtalamagyň, arzuwlaryňa ýetirjek aýdyň ýörelgelere daýanýan tertip-düzgünli durmuşy döretmekde gaty gowy kömek eder. Onsoň sen dünýäňi bir günde özgertmek üçin çytraşmaly hem bolmarsyň. Kiçijek zatlardan başla. Müň millik syýahat ilkinji ädimi ätmekden başlanýar. Biz basgançaklar arkaly beýik derejä ýetýändiris. Hatda bir sagat ir turmaga özüňi werziş etdirmek we bu peýdaly endigi özleşdirmek bilen, özüňe bolan ynamyňy artdyrarsyň, bu seni has belent derejelere ýetmäge ruhlandyrar.

— Men-ä bularyň arasynda baglanyşygy görýän däldirin — diýip, men boýun aldym.

— Kiçijek ýeňişler uly ýeňişlere eltýär. Beýik zatlara ýetmek üçin kiçi zatlary gurmalysyň. Her gün ir oýanmak ýaly o diýen bir kyn bolmadyk wezipä hötde gelmek bilen, sen öz ýeten derejäň lezzetini we dadyny duýarsyň. Sen öňüňde maksat goýduň — şoňa-da ýetdiň. Bu — ýakymly duýgy. Munuň emeli ýetilmeli derejäni barha ýokary galdyrmakdan hem kämilleşmekden ybaratdyr. Bu düýpsüz mümkinçilikleriň üstüni açmagyňy dowam etdirmek üçin, gudrat derejesindäki goltgyny ýüze çykarar. Lyžada typmagy halaýaňmy? — diýip, Julian duýdansyz sowal berdi.

— Lyžada typmagy gaty gowy görýän — diýip jogap gaýtardym. — Munuň üçin mümkinçilik dörän badyna, Jenni bilen çagalarymyzy alyp, daga gidýäs, ýöne aýalymyň göwni galýan bolsa-da, beýle mümkinçilik kän döräp duranok.

— Ýagşy. Aşaklygyna tarap typmak üçin dagyň depesinden bat alyp ugranyňda nähili duýgulary başdan geçirýänligiň barada oýlan. Ilki haýallyk bilen typyp ugrarsyň. Emma bir minut geçip-geçmänkä, eýýäm, hamana, ertir diýen düşünje ýok ýaly, baýyrlaryň üsti bilen zymdyrylyp barýansyň. Dogrumy?

— Maňa Ninja Lyžaçy diýäýgin. Ol tizlikden heýjana gelýän.

— Seni beýle tiz typmaga iteren näme?

— Meniň aerodinamik beden gurluşymy? — diýip, oýun edip soradym.

— Tas bilipdiň — diýip, Julian güldi. — Başky bat alyş pursadyň — ine, senden garaşan jogabym. Başdaky pursat özüňde tertip-düzgüni kemala getirmegiň hem möhüm şertidir. Öňem aýdyşym ýaly, sen kiçijek zatlardan başla — belki, bu öňküden sähelçe irräk oýanmakdyr, belki, her agşam öýden kän uzaga gitmän gezelenç etmek ýada ýeterlik derejede tomaşa edenligiňi bilen çagyň telewizory öçürmäge özüňi endik etdirmek bolup biler. Bu kiçijek ýeňişler öz ýokary derejedäki «meniňe» ýetmek üçin ruhlandyrýan şol başdaky pursady emele getirýärler. Bahym sen ukyplydygyň barada güman hem etmedik işleriňi, öň özüňde bardyr hem öýtmedik energiýa hem hyjuw bilen amala aşyrmaga başlarsyň. Bu şeýle bir ajaýyp haldyr, Jon, şeýle bir gowudyr. Şonuň ýaly-da, Ýogi Ramanyň syrly tymsalyndaky gülgüne urgan hemişe saňa erk güýjüňi ýatladyp durar.

Julian tertip-düzgün bilen bagly pikirlerini jemlän pursady Günüň ilkinji şöhleleriniň myhman otagyma aralaşyp, çagajygyň üstündäki ýorganyny sypyryp aýryşy ýaly, garaňkylygy syryp aýyrýanlygyna üns berdim. «Bu ajaýyp gün bolar» diýip oýlandym. «Galan ömrümiň ilkinji güni».

### 10-njy bölümiň gysgaça netijesi. Julianyň danalygy iki agyz sözde

| | |
|---|---|
| **Nyşan** |  |
| **Ýagşy edim-gylym** | Tertip-düzgünli ýaşa. |
| **Paýhas** | Tertip-düzgün mertlik bilen yzygiderli amala aşyrylýan kiçijek hereketlerden bina bolýar.<br>Tertip-düzgüniň ýaňy şinelän gämigine näçe gowy ideg etseň, ol şonça-da tiz özüni tutup, ers-mers bolar.<br>Erk güýji doly derejedäki mynasyp durmuşyň iň esasy şertleriniň biridir. |
| **Usullar, maşklar** | Mantralar/döredijilikli hyýaly göz öňüne getiriş.<br>Dymmaklyk ähti.. |
| **Esasy sitata** | Ýyllarboýy aň-akyl galaňa sümlüp giren bolgusyz pikirlere garşy göreşmegiňi dowam et. Şonda olar özlerine ýüz berilmeýänligini bilerler hem-de edil halanmaýan myhmanlar ýaly bolup, seni terk edip giderler. |

Indiki sanymyzda:
**On birinji bölüm. Seniň iň gymmatly baýlygyň**

Kämil adam edip biljek zadyny aýdýan we aýdan zadyny edýän adamdyr. **Konfusiý**

Ussatlyk diňe düzgünleri okanyň bilen peýda bolup bilmez, ol diňe işeňňirligiň netijesinde geler. **Napoleon Hill**

ЖИЗНЬ ЗАМЕЧАТЕЛЬНЫХ ЛЮДЕЙ

# ЧАШКА КОФЕ ОТ МИЛЛИАРДЕРА



Говард Марк Шульц

Эта статья о человеке, полюбивший кофе настолько, что решил посвятить ему всю свою жизнь, при этом попутно став одним из самых богатейших людей в мире. Эта статья о Горварде Шульце.

Говард Марк Шульц – американский бизнесмен, основатель сети кофеен. Если кратко, то именно он создал империю Starbucks – розничную сеть по продаже и приготовлению кофе.

Как говорил Щульц: «Не бойтесь менять сущность бизнеса». И он не побоялся. Будущий миллиардер родился в Бруклине, в еврейской семье. Его отец, Фред Шульц, работал водителем грузовика. Благодаря оценкам, он получил грант на обучение в университете Северного Мичигана. Шульц стал первым человеком в семье, кто окончил колледж (1975 год), получив степень Бакалавра. Он видел, как пошатнулось семейное положение, когда отец сломал ногу и лишился всяких выплат. Тогда Шульц младший решил, что обязательно откроет свое собственное дело.

После получения диплома молодой Горвард работал на разных работах, но ни одна из них не удовлетворила его. Однажды, Горвард посетил один из кофейных магазинов Starbucks. И был очарован, в его голове моментально зародились тысячи идей, как сделать, чтобы весь мир узнал о заварном кофе. Двенадцать месяцев понадобилось ему, чтобы уговорить хозяев компании взять его к ним на работу. Так как основатели фирмы: Джерри Болдуин, Зев Сигал и Гордон Боукер – были консерваторами, им понадобилось время, чтобы взять Шульца директором по маркетингу. Вот что значит идти к своей цели несмотря и на что! В то время компания Starbucks уже имела репутацию известного специалиста в области обжарки кофейных зерен, и уважаемого продавца кофе, причем не только в зернах, но и молотого.

И вот однажды, Говард поехал в Италию, и заглядывал там в каждую кофейню чтобы посмотреть, как у них все устроено. И то, что он увидел, поразило его. Говард увидел грациозно двигающегося барриста, который одновременно разговаривал с посетителями, перемалывал зерна и наливал кофе. Говард был поражен. Ему открылась романтика итальянских кофеен с дружеской атмосферой. Шульц решил открыть не просто магазины по продаже кофе в зернах, а сеть кофеен, чтобы люди могли наслаждиться заварным кофе не только дома, а и взяв готовый кофе с собой на работу или присев за столик. Переполненный энтузиазмом Говард говорил: «Однажды люди будут говорить вместо «Чашка кофе» «чашка Старбакс», а на улицах будут стоять длинные очереди».

Через некоторое время, Говард узнает, что основатели Starbucks собираются продать свой бизнес. Шульц берет еще больше кредитов, выкупает компанию, обещая своим кредиторам погасить весь долг в самый короткий срок. И ему это удалось.

«Обычно производители предпочитают легкую обжарку, поскольку это прибыльнее. Поскольку чем дольше жарка, тем меньше вес. Но, Starbucks больше заботит не прибыль, а вкус. Это отличало их от всех остальных» говорил Шульц.

Всего через 5 лет, в 1992 году, сеть Starbucks насчитывала уже 165 точек, а годовой доход вырос с 1,3 млн. долларов в 1987 году, до 73,5 млн. долларов в 1992-м. Первую точку за пределами североамериканского континента Говард Шульц открывает в Токио в 1996 году. «Кофейни Starbucks не продают кофе. Они продают третье место между домом и работой, где человек чувствует себя комфортно». Но что же они делают, чтобы посетители чувствовали себя комфортно? Перечислим вам некоторые особенности компании Starbucks. Известно, что существует 87 000 различных комбинаций напитков Starbuck. Даже если заказывать каждый день по 5 разных позиций, понадобится в среднем 47 лет, чтобы их все перепробовать. А еще один из основных требований при выборе помещений для кофеен Starbucks: входная дверь обращена на восток или юг и никогда на север. По словам бывшего архитектора бренда, таким образом посетители должны наслаждаться дневным светом, но при этом он не должен светить им в лицо.



Про личную жизнь этого миллиардера из скромной семьи можно сказать очень мало. Свою личную жизнь Говард Шульц старается не выставлять на всеобщее обозрение. Известно, что его супруга полностью поддерживала его во всех начинаниях и была хранительницей семейного очага. Вместе они преодолевали все жизненные трудности, уверенно смотря в будущее. Говард и его супруга воспитали двоих прекрасных детей, все вместе они любят много путешествовать.

Логично было завершить эту мотивационную статью одной из воодушевляющих цитат Горварда Шульца: «Даже когда жизнь кажется прекрасной, приходится рисковать и прыгать на следующую ступень, иначе и не заметишь, как начнешь скатываться по спирали вниз, состояние самоуспокоенности».

**По данным интернет-источников подготовила Огульшат ШАДЫЕВА, студентка 1-ого курса журналистика специальности Международного университета гуманитарных наук и развития.**

## Бизнес-гороскоп на неделю:

24 октября — 30 октября

### Овен 21.03 - 19.04



Овнов ожидает крайне сложная неделя. Главное предостережение астрологов – в начале эти люди могут пострадать от общения с негативными личностями, что станет причиной потери уверенности и оптимизма. Не стоит тратить столь удачный период на контакты с теми, кто пророчит неудачу и проблемы в материальной сфере. Покупки оправдают себя, если только те, что являются вынужденными. Совершать их лучше в понедельник, среду и четверг. Для избавления от возможных проблем с деньгами нужно следовать правилам фэн-шуй, а также все идеи держать при себе.

### Телец 20.04 - 20.05



В период такого энергетического хаоса и резкой перестройки астрологи советуют Тельцам отнестись к новым предложениям, связанным с карьерой и бизнесом, скептически. Критический взгляд на вещи поможет детально разобраться в ситуации, отметить малейшие несоответствия и снизить риск быть обманутыми. Не рекомендуется выбирать эту неделю для работы, требующей повышенного творческого мастерства. Также нужно больше отдыхать, помня о восьми правилах здорового сна. Сейчас важно потратить деньги с пользой, либо не тратить их вовсе.

### Близнецы 21.05 - 21.06



Первая половина недели будет более благоприятной для приобретений, вложений и инвестиций. Для смены курса и внезапной перестановки планов она точно не подойдет. Из-за затмения и начала коридора затмений Близнецы могут стать более импульсивными. Перед тем как принимать важное решение, нужно будет сделать все возможное для того, чтобы взять свои мысли и свою жизнь под контроль. Можно воспользоваться для этого четырьмя действенными установками. Не стоит пытаться угодить всем вокруг – партнерам, начальству, клиентам.

### Рак 22.06 - 22.07



В любой сложной ситуации Раки могут смело претендовать на то, что заслужено ими по праву. Это время, когда отсутствие борьбы за место под солнцем может принести Ракам много проблем. Бездействие и лишние уступки – это путь в никуда. Наиболее благоприятные дни недели – понедельник и четверг. В это время Близнецам представится реальный шанс повысить свои доходы и правильно вложить средства. В остальные дни нужно быть осмотрительными и не высовывать носа.

### Лев 23.07 - 22.08



Львов ждет очень сложная неделя во всех финансовых направлениях. Следует быть аккуратнее с расходами. Чем больше Львы будут концентрироваться на проблемах и переживаниях, тем быстрее от них уйдет успех. По этой причине эксперты все же советуют вспомнить о приятных вещах. Критичный взгляд на самих себя полезен, но лучше не закапываться в самоанализ, чтобы не провоцировать появление мыслей, блокирующих энергетику.

### Дева 23.08 - 22.09



Девам, которые устали от бесконечных финансовых проблем и долгов, стоит попробовать следовать семи правилам, которые призваны избавить от бедности в любом его проявлении. На неделе с 24 по 30 октября рекомендовано осторожнее распоряжаться деньгами, причем как своими, так и чужими. От проявленной сейчас осторожности в обращении с деньгами будет зависеть будущий успех. Добиться желаемого поможет хорошая мотивация, помноженная на уверенность в себе. Нужно опасаться спонтанных покупок и дачи денег взаймы.

### Весы 23.09 - 22.10



У Весов неделя будет очень и очень сложной. Самые опасные дни – вторник, суббота и воскресенье. Если в эти дни нужно будет много работать и принимать решения, касаемые карьеры и денег, то астрологи советуют начинать эти дни с утренних ритуалов на везение и успех. Влияние Венеры сейчас очень негативное, поэтому проявлять инициативу в финансовой и деловой сфере пока не стоит. Весам стоит сделать ставку на стабильность. Денежные авантюры могут оставить этих людей без средств на существование.

### Скорпион 23.10 - 21.11



Скорпионы, которые очень хотят повысить свои доходы, смогут на этой неделе найти способ этого добиться, но действовать пока нельзя. Нужно дождаться начала нового месяца. Избавиться от бедности можно также при помощи трех способов повышения доходов, о которых мы рассказывали ранее. Возможно, что Скорпионов в эти семь дней ждет поворотный момент в денежной сфере. Слишком явная инициативность будет вредить, однако, Скорпионы могут и не напрямую влиять на развитие событий в свою пользу. Можно попробовать сделать это посредством легких манипуляций и хитрости.

### Стрелец 22.11 - 21.12



В интересах Стрельцов проявлять сейчас свои самые сильные стороны. Нежелательны любые крупные приобретения, расточительство, а также необдуманная конкуренция. Важно идти вперед и не спешить. Чтобы побороть свои страхи и возросшую из-за слабой Венеры неуверенность, можно воспользоваться дыхательными техниками. Астрологи советуют людям данного Знака переключить внимание со своих личных потребностей на выполнение рабочих обязанностей. Это поможет отказаться от лишних расходов, сохранить сбережения и нервы.

### Козерог 22.12 - 19.01



Неделя не располагает к крупным покупкам, расходам и шопингу. Потраченные деньги могут пробить дыру в бюджете Козерогов. Разумно будет помнить о денежных приметах на каждый день недели. Они помогут не потерпеть фиаско в сфере финансов и работы. На этой неделе лучше не полагаться на свою интуицию в моменты принятия решений. Желательно придерживаться традиционного подхода к работе и прислушиваться к личному опыту и ощущениям.

### Водолей 20.01 - 18.02



Расслабляться на этой неделе нельзя: астрологические события усилят соперничество и денежные убытки из-за доверчивости или невнимательности. Чтобы обезопасить себя от проблем в бизнесе и на работе, Водолеям стоит защититься от завистников при помощи пяти проверенных способов. Астрологи рекомендуют заняться поисками новой работы. Необходимо учесть все мелочи – условия труда, объем работы, поле для креатива и свободы, коллектив и, конечно же, обговорить условия оплаты труда с потенциальным начальством.

### Рыбы 19.02 - 20.03



Рыбам, которые заняты в интеллектуальной и креативной сфере, важно избавиться от вредных привычек, которые ухудшают память и снижают интеллект. Тем, кто работает водителем, стоит лучше высыпаться. Рыбам, которые много общаются по работе, нужно быть чуть более уступчивыми. Также полезно будет людям этого Знака отложить некоторую сумму на будущее, причем лучше всего сделать это в начале недели. Нужно избегать расточительства. Не исключено, что неделя покажется недостаточно продуктивной, но организованность и осторожность не подведут в критической ситуации.

24 октября Международный День Организации Объединённых Наций.

24 октября 1986 году — в Лондоне открыт крупнейший в мире магазин грампластинок.

# Poeziýa



Oguljennet BÄŞIMOWA





## «Şahyryň watany»
goşgular toplumy

### Tapyp bolanok

Eje, ýüregim üşeýär...
Ýorgan hem ýapyp bolanok.
Ýüregim üşeýär, eje,
«Diýýänni» tapyp bolanok.

Gözümden akýar burjusy,
Gaýraty at çapan ýaly...
Size meňzeş oň gurluşy —
Göreňde hut Watan ýaly...

Ýüregim üşeýär, eje,
Penjiresi jyklatmazmyş.
Menden hem syr saklap, kejir,
Hiç kese gapy açmazmyş...

Eje, ýüregim üşeýär,
Biläýmeseň, bir sen derdin...
Şol sözi küýseýär, belki:
«Gaýratly gyzym» diýerdiň...

Ýüregim üşeýär, eje,
Ýorgan hem ýapyp bolanok.
Çoýunanok peje, kejir,
«Diýýännem» tapyp bolanok...

### Näme üçin?

Enemiň ýürek urgusy erteká sapdymyka ýa,
Gijeler gaty gerdenne çoh dertler çökdümikä ýa,
Düýşünde pirler hasaly öňünden çykdymyka ýa,
Näme üçin, käbäm enem, gaşlarym çytyk doguldym?!

Diňläp oturdymmy onda seniň ýürek dowulyňy?!
Aýtsana, neçüýn, enem jan, gaşlarym çytyk doguldym?
Ýa göwnüňe degdilermi, kakasyz, erkek dogansyz,
Ýa döwrüňde ýardylarmy gawuny eýmenç şagallar,
Ýa uruşmy? Hasratyňyz? Kalbyňyzda eser bolan,
Näme üçin gaşym çytyk doguldym men, käbäm enem?

Haýsy aýdymy diňledim,
Kimiň heňini geňledim?!
Jennetiň guşy geçipdir howamda şonda menden öň,
Näme üçin, käbäm enem, gaşlarym birhili, çytyk,
bolup doguldym men?
Syrlarym ýapyk doguldym.
Käbäm enem, aýtsana sen, gamgyn aýdym aýtdyňmy ýa?
Saýada ýalňyz galaňda, maňa «ýokdur» öýtdüňmi ýa?
Köňülde ile hoşwagty, özüme petik doguldym,
Aýtsana sen, näme üçin gaşlarym çytyk doguldym?

### Erkek dogan

Erkek dogan suwjuk bolmaz,
Ýüregi hut çelpek, dogan!
Barsam, gaýtsam ýollaryma,
Sözüň bilen gül dök, dogan!

Birmahallar batbörege
Çolaşardy galpak, dogan!
Diýme maňa: «Sözüň çuň däl,
Güzer ýaly ýalpak», dogan!

Mündüreр, sürerdiň ulag,
Ulagymyz galtak, dogan!
«Geldi-gelmedi» diýmäwer,
Gözde gizläp çylpyk, dogan!

Süýji sözlemersiň, bilýän,
Şonda-da ýürek dok, dogan,
Seň kalbyň aňyrsy umman,
Garramawer entek, dogan,
Eziz dogan, erkek dogan...

### Watan

Men seň adyň daşap, asyrlarmyza
Ýaşyl şemalyňa aşyk men, Watan!
Söz berip, söz güýjün gaçyrmazlyga,
Sözün tutan şahyr, joşup men, Watan!

Göge galsam, baş harpyňy bellämde,
Bulutlaryň leblerini ellämde,
Dür göterip, gaş kakmaga göwrämde,
Arşyň ýedi gatyn aşyp men, Watan!

Kebelekli merdiwanňy bökjekläp,
Saçlarmyň tellerni elimde saklap,
Ýetmiş müň äleme gülsem jak-jaklap,
Seň türkmen heňiňe sadyk men, Watan!

Gül dökülsin şat baharda gujagňa,
Bal dökülsin dabaradan ojagňa,
«Şahyryň watany» diýip, güjeňle,
Sensiz ömrüm geçer nädip meň, Watan!

Şabaz atlaň baz oýnaşar näz bilen,
Güller gökde gapaksyz sonarlanar,
Öýmämi ýel oýnar, ýerden ýaz galar,
Dessanlarňa büdrän aşyk men, Watan!

Dünýä sygman, köňle sygan hoşuňa,
Anbar saçyp töweregňe, daşyňa,
Bal gatyp ilimiň döwlet aşyna,
Seniň gül görküňe sadyk men, Watan!

### Kiçi peýzaž

«Kyrt-kyrt» ädik sesi gelýär kenarda,
Doň kölüň üstünde göýä, durun men...
Aý girip bilenok,
Suw doň,
Çapgyn ýel...
Köl gapysyn ýapdy suwa doňduryp...
Tirsegin çapdyryp, agaçlaň goly,
Ýarym suwda, ýarym daşarda galan...
Her gije kölüne suwa düşýän Aý,
Nagyşly tozgasyn üfläp,
Bu gije ýeliň jürlewajyn elinden alyp,
Misli zyňaýjak ýaly...

Görnüşe syn edip durun men...
Aý girip bilenok,
Köl üsti tukat,
Typançak meýdança girjek bolýaňmy?
Ah, Aý, ýürek doňdy,
Sen indi suwa düşüp bilmersiň...
Yns-jyns ýok,
Diňe bir suwa düşmäne, mapraç ýaly Aýy synlap,
Ýene-de gar tozgasyn üfläp, diňe durun men...

### Sen bolmadyk bolsaň...

Sen bolmadyk bolsaň, biljek däl eken,
Gülleriň ysynda atyr baryny,
Sen bolmadyk bolsaň, biljek däl eken,
Günlerem günleri, aýam ýyllary.

Seň adyňdan doljagam däl gündelik,
Sen bolmadyk bolsaň, men kim? Men näme?
Gyzyklam däl sensiz bir zat diňlemek,
Sen bolmadyk bolsaň, hakyda heläk...

Boş howasy daraldýan deý dünýämi,
Sen bolanyň üçin bar zat sünnäli,
Seň bolanyň üçin menem sen ýaly,
Senem men ýaly...

### Gorky

Öňler bahar gelmez öýdüp gorkardym,
Gorkardym guzular mälemez öýdüp,
Öňler ejem gülmez öýdüp gorkardym,
Dymar öýdüp...
Meniň ejem nalamaz...
Öňler aýdymlarym güller hakdady,
Saçymda ak goýan ýyllar hakdady,
Paşmadyk söýgime taňryýalkasyn,
Ol maňa öwretdi köňül bermegi,
Ynsana däl, hut galama erk edip,
Öňler ýşkym halkasyndan azaşyp,
Basym halat geler öýdüp gorkardym.
Aslynda biriniň ýerine geldim,
Uçma giden guşum nirde, gör, hatar.
Öňler nije aýralykdan sowruldym,
Meger, ýürek şol sebäpli çat açar,
Öňler jigilerim hem kiçijikgedi,
On sekiz ýaş oglanlara jort atar...
Ejemiň mellegi — dünýäň kartasy,
Iň ullakan ylym bir şol kartadyr.
Öňler «Yşka degmek bolmaýar» diýip,
Uzaklardan el uzadyp gorkardym...
Gorkardym: «Oň nury gaçmasyn» diýip...
Yşky dile getirmäge gorkardym,
«Ýazan şygyrlarmy görerler» diýip,
Ak mekdebe götermäge gorkardym...
Gorky ýürekleri mukaddesleşdir,
Yşky ýitirmezlik gorkynyň işi,
Okardym gysymma gysyp dogasyn,
Ýat tutardym olaň bar bentlerini...
Gorkardym: «Ejemsiz ýaşap bormy heý?»
Gorksaň hem ejeler gidäýýär eken,
Uzaltmaklyk üçin perzentleň ýaşyn...

### Garagum

Dag, deňizler, derýa, çöller sende bar,
Çomuçly ýaýlalaň — heňňam ýadygär,
Her zerräňde säher täze Gün dogar,
Asly nurdan, zerresi bal, Garagum!

Magtymgulyň jümlesine deň bolup,
Gollarynda mukam bolup, heň bolup,
Ýansam sende gyzgyn-röwşen şem bolup,
Asly nurdan, degresi gül, Garagum!

Waspyň çalan görkli sazyň bolaýyn,
Ýaýlalaňda guba gazyň bolaýyn,
Her zerräňde seniň özüň bolaýyn,
Asmany çuň, begresi del, Garagum!

Asmana çekilgi gülden rişdäň men,
Pyragynyň jümlesi deý keşdäň men,
Mejnun çölleň düňlesi deý teşnäň men,
Asly nurdan, gujagy giň, Garagum!

Enem ýaly ýumşak, atam deý agras,
Geýmişiň egniňe gülden gök begres,
Çomuçda bal suwuň, jerenleň sermest,
Asly nurdan, gaýmagy bal, Garagum!

Adyň beýik, özüň beýik erkdensiň,
Arşy agladansyň, ruhsuň, kökdensiň,
Seniň özüň asly halal türkmensiň,
Asly nurdan, ruhy merdem, Garagum!





**Söýmegi başarýan garaşmagyda başarýar.**
Iosif Brodskiý



**Ynam bildirilmegi gowy görülmekdenem belent mertebedir.**
Jorj Makdonald



**Dost üçin arkamy köpri etmäge men taýýar.**
Onore de Balzak



**Bir adam agyry duýsa janlydyr. Başga biriniň agyrysyny duýsa ynsandyr.**
Lew Tolstoý



**Hakyky şahyryň her setiri hakykata, gözellige adamda aňrybaş duýgy, adamçylyk oýarmaga ýugrulan bolmaly.**
Jek London



**Ynsan öz pikirlerinde, aňynda ýaşaýan adam bilen bolmalydyr.**
Oşo

Goşgy lezzet bilen başlaýar, paýhas bilen tamamlanýar.
**Robert Frost**

Şahyr bolup bilmeseň, goşgy bol.
**Dewid Karradin**

## Mahabat


**Gypjakdaky S.Nyýazow adyndaky dokma toplumy çagalar we ulular üçin güýz möwsüminiň täze egin-eşiklerini hödürleýär!**

100% pagta



**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: +993 12 25-95-01 / 25-98-57.**

Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň Gypjak ýaşaýyş toplumynyň Bitaraplyk köçesiniň 15-nji jaýy, Ruhabat dükany.

Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň H.Derýaýew (2052) köçesiniň 4-nji jaýy, Ak Altyn dükany.

Aşgabat şäheriniň Oguzhan köçesiniň 3-nji jaýy, Bürgüt dükany.

Mary şäheriniň Ezizhan köçesiniň 5-nji jaýy, Ak Altyn dükany.

Türkmenabat şäheriniň S.Nyýazow şaýoly we Prezident şygryýet bagy köçesi, Degirmen dükany.




**Aşgabat şäheriniň Bazarlar birleşiginiň 2-nji «Teke» bazary dürli görnüşli gök we bakja önümlerini, şeýle-de ýokary hilli azyk harytlaryny hödürleýär!**






**Salgysy: Aşgabat şäheri, 2011 (Azady) köçe, jaý 94**
**Habarlaşmak üçin: 92-47-84; faxs: 92-47-84**



Möçberi 16 sahypa | Formaty A3 | A-110383 | Indeksi 69493 | Gazet 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Bahasy 2 manat 50 teňňe | 5578 tiraž.

**Biznes reklama**
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi

BAŞ REDAKTOR
Seýitmyrat GELDIÝEW

HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:
Işgärler bölümi: 23-77-93; Buhgalteriýa: 23-77-92;
Mahabat bölümi: 23-77-96; Jogapkär kätip: 23-77-95.

E.poçtalar: biznes.reklama@list.ru; biznes.reklama.newspaper@gmail.com
web-saýtymyz: www.br.com.tm

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 593-nji jaýy.

BELLIK: Gazet Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. | Çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär.